# Ara

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ara ARA

Perde çekdim men,
«men» bilen öz aramda,
käte ýapýan,
käte serpýän,
özüm bilen gürleşýän.

Uzaklyk döretdim men,
«men» bilen öz aramda,
kä daşlaşýan,
käte birleşýän.

Ýukajyk bulut,
ÿüpekden örülen suw ýaly öýme,
çalaja ýaşyp
günüň rugsaryn,
käte daşlaşdyrýar “meni” özümden
käte birikdirÿär “meni” özüme.

Bulutlar galňap ýaşaýsa güni,
uzalan ara,
oýlanmaga
ÿere berilen pursatdyr.

Açaýsa ýaşmagyn asmanly gelin,
zemin günüň,
gün zeminiň,
güneş ýürek,
ene toprak gursakdyr.

Şeýdip birleşýändir bütin tebigat,
durkum ýaýraýandyr uly jahana,
dolup göwrümi giň, soňsuz zamana,

siňip her bir gülüň näzik damarna.

Käte gonýan ýekeligme,
käte uçýan,
çümýän köpçüligiň agras aňyna,
kälerem silkinip adam silinden,
bir bulagyň başynda,
özüm bilen duşuşýan.

«men» bilen öz aramda,
asylyp dur bir perde,
käte ýapýan,
jäte serpýän,
perdäni.

Ybraýym BADAHŞAN. Goşgular